# Älemiň manysy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Älemiň manysy ÄLEMIŇ MANYSY




Näme diýjek?!
Şol bir geçilen ýol.
Gözýetimden gözýetime çen,
ykballaň tükeniksiz birmeňzeş sudury…
Çür başynda bolsa kert gaýanyň,
ähli adam-sudurlaň Adam atasy…
Adam dogulýa…
Ýaşaýa…
Garraýa…
Ruh eýlenende
Jennetiň abynda,
Dowzahyň odunda,
Eşret şemalyna serlip,
kakadylsa-da janköýerlik narynda,
Undulypdyr, ony bişirmek,

biperwaýlyk tan-nurunda*.
Şoň üçinem, doglanda närza ynsan,
ötüp bilmeýär biparh bolup,
bu bipaýan perwaýsyz dünýäň deňinden…
Jinnege bagryn ýakýa,
dynnyma gynaýa özün,
şatlykda-da aglaýa,
gaýgyda-da seçeleýä gözýaşyn,
gynansyn…
begensin…
hiçisi gursagyna sygmyýa…
belki,
şudyr ýorgudy –
– bu syry ýorulmadyk Älemiň:
Perwaýsyz dünýäni perwaýy bilen oýarmak…
© Öwezgeldi BEGLIÝEW.

** Tan-nur – gadymy şumerleň (garabaşlaň) dilinde: tan – öý, nur – ot, «oduň öýi» (tamdyr).* Goşgular